# Ejeme / elegiýa

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ejeme / elegiýa EJEME

Ogul üçin Ene elmydam ýaşdyr.
Ene üçin ogul mydama çaga.
Şol çaga seretseň, ýaşy kyrk bäşdir,
Deň-duşlary boldy, atadyr, baba.

“Nirä gitjek balam, köp eglenmegin.”
Şu sözler dilinde mydama Enäň.
Käte gaharlanyp agyr sözleseň,
OL seniň günäň däl, ol meniň günäm.

Bagyşla Ejejan, bagyşla meni.
Men günäkär, her bir saçyň agyna.
Indi düşünýärin, ökünýän çensiz,
Ýetenimsoň, ömrüň orta çägine.

Ýetişmedim, Eje, goşgymy soňlap,
Ýetişmediň diňläp, arman, ýogaldyň…
Barça aýtjak sözüm, kalbymda jemläp,
Eje, bu gün seniň ýanyňa geldim.

Ejemiň ýanyna gelipdim bu gün,
Gum gysymlap gaýtdym, onuň ýerine.
Ejem pahyr menden edende göwün,
Beýle zatlar gelmeýärdi serime.

Ynha,ýatyr Ejemjanyň mazary.
Göze ýaş aýlandy, ýürekden syzyp.
Agyr eken aýralygyň azary,
Başyň dik, janyň sag ýörsediň gezip.

Men ýanyňa geldim, Mähriban Ene,
Ynha, men otyryn dyzyma çöküp.
Geçeni ýatlaýan hyýälda ýene,

Başujyňda goýlan mermere bakyp.

Ol daşyň ýüzüne adyňy ýazyp,
Soňra ýazylypdyr dogulan günüň,
Ondan soň gysgajyk bir keseçyzyk,
Şeýle gysga eken ömüriň seniň.

Soňra ýazylypdyr aýylganç sene,
Bizi aýra salan, ömrüňi üzüp.
Şol gün hoşlaşypdyň biz bilen,Ene.
Baky uka gitdiň, gözleriň süzüp.

Ejeler ölmeýär, men ony bilýän.
Häzir hem gamlansam, ýanyma gelýäň,
Mähir bilen meniň başym sypalap,
Bagtyýar günümde tirsegňe galýaň.

Häzir hem sen meni goraklap ýörsüň,
Başyma geläýjek bela beterden.
Duýýaryn, sen maňa seredip dursuň,
Ýöne uzagrakda elim ýeterden.

Rahat ýat, Eje, yzyň abadan.
Sarpaňy saklarys, kalbyň päkligin.
Gelin, agtyk, ogul, gyzyň abadan,
Bildirmeris, Eje, seniň ýoklugyň.

Azat NURGELDIÝEW. Goşgular